# Garly gün durmuşa çykan gyz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Garly gün durmuşa çykan gyz

GARLY GÜN DURMUŞA ÇYKAN GYZ

Ine, büräp ýatyr,
Dumly-duşy gar.
Asman haltasyndan,
Ak tozga sepýär.

Men bolsa şol günde,
Gyrawly köçäñ,
Kädi gözläp çykdum
Bir näçe dükan!.

Birden sen gyňaçly,
Meňzäp hataba!
Çykdyň, mündüň, gitdiň,
Elwan kejebä!

Hiç kimden soraman,
Seniň kimdigiň.
Diletdi kän zady,
Seň türkmenligiň.

Hol beýle-de bolsa,
Bir türkmen ýigit,
Tordan götermänkä
Birje ak balyk,
Özüni göterdi
Şum, keç ykballyk!

Belki seni
Tozdurmasyn durmuşyň.
saňa duşan ýigit
Ömür ýoldaşyň.

Gyzgyn gujagyňda,
Ömür ýar bolsun.
Seniň näzleriňe,
Hyrydar bolsun.

Gar päklikdir,
Arassaja göwündir.
Gar aklykdyr,
Müýesser bu günüňdir.

Gara salam berip
Turduň ir säher,
Dünýaňy bezäpdir ap-ak giden gar.
Bu günüňden başlap,
Hiç wagt –hiç haçan
Ýüregiňe düşmesin eýjejik gubar.

Asman seçeleýär,
Ak gar, ak jöwen.
Goý saňa diläýin,
Ak gün –ak göwün.

Gyňajyňa düşdi,
Ak gar, ak bagt
Durmuşuň bezesin
Diňmesin
Ýagyp….

Gapur HOJA.

Goşgular